Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministriniň 2022-nji ýylyň 20-nji aprelinde çykaran 71-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

**Bedenterbiýe we sport babatda okuwçylaryň goşmaça biliminiň bilim maksatnamalary boýunça okuwa kabul etmegiň hem-de okaýanlaryň jemleýji synagyny geçirmegiň görnüşi we tertibi**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Bedenterbiýe we sport babatda okuwçylaryň goşmaça biliminiň bilim maksatnamalary boýunça okuwa kabul etmegiň hem-de okaýanlaryň jemleýji synagyny geçirmegiň görnüşi we tertibi (mundan beýläk – Tertip) 2020-nji ýylyň 22-nji awgustynda kabul edilen "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasyna we 2021-nji ýylyň 5-nji iýunynda rejelenen görnüşde kabul edilen "Bilim hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 25-nji maddasynyň ýedinji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertip goşmaça bilim edaralary bolan çagalar sport mekdeplerine (mundan beýläk – sport mekdepleri) çagalary okuwa kabul etmegiň şertlerini, talaplaryny kesgitleýär we sport mekdeplerinde tälim alýan bedenterbiýe we sport babatda okuwçylardan (mundan beýläk - okuwçy) synag-ölçeg talaplaryny kabul etmek arkaly topardan-topara geçirmegi, şeýle hem jemleýji synaglary guramagy düzgünleşdirýär.

3. Okuwçylaryň goşmaça biliminiň bilim maksatnamalary zehinli çagalary seçip almaga, olaryň beden taýdan terbiýelenmegine, bedenterbiýe we sport (şol sanda sportuň saýlanyp alnan görnüşi) babatda başlangyç bilimleri, başarnyklary we endikleri ele almagyna we sport taýýarlygynyň tapgyrlaryny özleşdirmek üçin taýýarlamaga gönükdirilendir.

Okuwçylaryň goşmaça biliminiň bilim maksatnamalary boýunça okuwa kabul etmek şu Tertipde bedenterbiýe we sport babatda degişli bilim maksatnamasyny özleşdirmek üçin zerur ukyplary bolan çagalary ýüze çykarmak maksady bilen amala aşyrylýan seçip alyş işiniň netijeleri esasynda geçirilýär.

Seçip alyş işi sport mekdebiniň müdiriniň buýrugy bilen döredilýän sport mekdebine çagalary kabul etmek boýunça saýlap-seçip alyş topary (mundan beýläk – Topar) tarapyndan geçirilýär. Toparyň düzümi:

1) sport mekdebiň müdiri (ýa-da müdiriň wezipesini ýerine ýetiriji) – saýlap-seçip alyş toparynyň başlygyndan;

2) sport mekdebiň müdiriniň sport işleri boýunça orunbasary – saýlap-seçip alyş toparynyň agzasyndan;

3) sport mekdebiniň usulyýetçisi (ýa-da beýleki hünärmen) – saýlap-seçip alyş toparynyň kätibinden ybarat bolup durýar.

Toparyň agzalygyna sport mekdebiň müdiri tarapyndan sportuň görnüşleri boýunça tejribeli tälimçi-mugallymlar bellenilýär.

Sport mekdebine çagalaryň seçip alyş işleriniň guramaçylykly geçirilmegi üçin, onuň geçiriljek güni hem-de wagty kesgitlenilýär, şeýle hem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ilat köpçüliginiň dykgatyna ýetirilýär. Seçip alyş işlerine gatnaşýan çagalar sport mekdebiň esbap-enjamlary we beýleki zerurlyklary bilen üpjün edilýär.

## II bap. Sport mekdeplerinde tälim almaga isleg bildirýän çagalaryň resminamalaryny kabul etmegiň, olara garamagyň hem-de çagalary sport mekdebine kabul etmek ýa-da kabul etmekden ýüz döndermek hakynda çözgüdi kabul etmegiň tertibi

4. Çagalary sport mekdeplerine okuwa kabul etmek üçin, çagalaryň ata-eneleri (olaryň ornuny tutýan adamlar) tarapyndan sport mekdeplerine şu aşakdaky resminamalar berilýär:

1) haýsydyr bir ata-enäniň (olaryň ornuny tutýan adamlaryň) sport mekdebiniň müdiriniň adyna ýazan arzasy (şu Tertibe 1-nji goşundy);

2) sport bilen meşgullanmaga lukman tarapyndan ygtyýar berlen, çaganyň saglyk ýagdaýy hakynda lukmançylyk netijenamasy;

3) çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasynyň we arza ýazan ata-enäniň (olaryň ornuny tutýan adamlaryň) şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň nusgalary;

4) sport mekdebine kabul edilýän çaganyň 3x4 ölçegindäki 4 sany suraty.

Şu bölekde görkezilen resminamalardaky maglumatlaryň takyklygyna çagalaryň ata-eneleri (olaryň ornuny tutýan adamlar) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

5. Sport mekdebi çagalary bu mekdebe kabul etmek üçin şu Tertibiň dördünji böleginde görkezilen resminamalary kabul edýär we bu barada sport mekdepde ýöredilýän sport mekdebine okuwa girmek üçin resminamalaryny tabşyran okuwçylar barada maglumat ýöredilýän Kitapda (şu Tertibe 2-nji goşundy) ýazgy edýär.

6. Sport mekdebi şu Tertibiň dördünji böleginde görkezilen resminamalaryň gelip gowşan gününden başlap, 5 (bäş) iş gününiň dowamynda şol resminamalara seredip, bu resminamalar talabalaýyk bolan ýagdaýynda Topara geçirýär.

7. Topar tarapyndan sport mekdeplerine sport bilen meşgullanmaga lukman tarapyndan ygtyýar berlen, sporta höwesli we ukyply çagalary ata-enesiniň (olaryň ornuny tutýan adamlaryň) arzasy esasynda, şeýle hem Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2016-njy ýylyň 16-njy noýabrynda 1028 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan "Ýöriteleşdirilen okuw-sport edaralary babatda resminamalary tassyklamak barada" Türkmenistanyň Sport baradaky döwlet komitetiniň 2016-njy ýylyň 29-njy oktýabrynda çykaran 486-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Sport mekdeplerine alynýan çagalaryň, ýetginjekleriň, ýaşlaryň ýaş aýratynlyklarynyň görkezmelerinde bellenen ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda

çaganyň saýlap alan sportunyň görnüşinde ulanylýan emellere hem-de tilsimlere kybapdaş hereketleri ýerine ýetirişine syn etmek arkaly seçilip alynýar.

Sport mekdeplerine täze okuw ýyly üçin çagalary seçip almak işleri her ýylyň iýul-awgust aýlarynda geçirilýär. Sport mekdeplerinde okuw ýyly 1-nji sentýabrdan başlanyp, okuw-türgenleşik sapaklary 52 hepde dowam edýär.

8. Toparyň mejlisi, eger oňa agzalaryň ýarysyndan köpüsi gatnaşan ýagdaýynda, çagalary seçip almak işlerini geçirmeklige we seçip almaklygyň netijesi boýunça çözgüt kabul etmeklige ygtyýarly hasap edilýär.

Toparyň ähli çykarýan çözgütleri, toparyň mejlise gatnaşýan agzalarynyň açyk ses bermeginde, sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Toparyň kätibiniň ses bermek hukugy ýokdur. Sesler deň bolan ýagdaýynda, Toparyň başlygynyň sesi kesgitleýji bolýar.

9. Topar tarapyndan çagany sport mekdebine kabul etmek ýa-da kabul etmekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edilýär. Toparyň çözgüdi Toparyň kätibi tarapyndan teswirnama bilen resmileşdirilýär. Teswirnama Toparyň başlygy, mejlise gatnaşan agzalary we kätibi tarapyndan gol çekilýär. Toparyň çözgüdi sport mekdebiniň müdiri tarapyndan tassyklanylýar.

10. Topar tarapyndan şu aşakdaky ýagdaýlarda çagalary sport mekdeplerine kabul etmekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edilýär:

1) çagalary sport mekdebine kabul etmek üçin şu Tertibiň dördünji bölegine laýyklykda berlen resminamalarda görkezilen maglumatlaryň hakykata laýyk gelmeýändigi ýüze çykarylanda;

2) çaganyň saglyk ýagdaýy hakynda lukmançylyk netijenamasynda sport bilen meşgullanmaga lukmançylyk garşy görkezme bolan ýagdaýynda;

3) şu Tertibiň ýedinji böleginde görkezilen sport mekdeplerine alynýan çagalaryň, ýetginjekleriň, ýaşlaryň ýaş aýratynlyklarynyň görkezmelerinde bellenen ýaş aýratynlyklaryna laýyk gelmese;

4) Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen beýleki halatlarda.

Topar tarapyndan çagany sport mekdebine kabul etmekden ýüz döndermek hakynda çözgüt çykarlan gününden başlap, sport mekdebi 2 (iki) iş gününiň dowamynda çaganyň ata-enesine (ornuny tutýan adama) habar berilýär.

11. Sport mekdebine çagalar kabul edilende, sport mekdebiniň ýolbaşçylary tarapyndan sport mekdebiň içki düzgün-nyzam tertibi hem-de tälim we terbiýe bermek işini düzgünleşdirýän beýleki resminamalar bilen çagalaryň ata-eneleri (olaryň ornuny tutýan adamlar) tanyşdyrylýar.

12. Sport mekdebinde tälim alýan çagany, zerurlyga görä beýleki sport mekdebine geçirmek meselesi çagalaryň ata-enesiniň (olaryň ornuny tutýan adamlaryň) razylygyny almak bilen, sport mekdepleriniň müdirleriniň özara ylalaşyklary esasynda amala aşyrylýar we resmileşdirilýär.

## III bap. Sport mekdebiň okuwçylaryny topardan-topara geçirmek

13. Sport mekdebine çagalar seçilip alnandan soňra, bu mekdepde hereket edýän sportuň görnüşleri boýunça okuw-türgenleşik işleri şu aşakdaky sanalyp geçilen toparlar boýunça yzygiderlikde amala aşyrylýar:

1) sport-sagaldyş topary – dowamlylygy çäklendirilmedik;
2) başlangyç taýýarlyk topary – dowamlylygy 3-ýyl;
3) okuw türgenleşik topary – dowamlylygy 6-ýyl;
4) sport kämilleşdiriş topary – dowamlylygy 3-ýyl;
5) ýokary sport ussatlygy topary – dowamlylygy çäklendirilmedik.

Geljegi bolan, tejribeli we sportda ýokary netijeleri görkezen okuwçylaryň ussatlyklaryny artdyrmak maksady bilen, ýokary sport ussatlygy toparyna geçirilýär. Bu topardaky okuwçylar döwlet we halkara derejesinde geçirilen sport ýaryşlaryň ýeňijileri, sportuň görnüşleri boýunça Milli ýygyndy toparlarynyň agzalary bolmalydyr we olar ozalky görkezen netijelerini yzygiderli tassyklap durmalydyr.

14. Okuw ýylynyň ahyrynda (maý aýynda) sport mekdebiniň okuwçylaryny degişlilikde topardan-topara geçirmek işi sport mekdebi tarapyndan tassyklanylýan meýilnama esasynda kesgitlenen synag-ölçeg talaplaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Synag-ölçeg talaplaryny kabul etmegiň esasy maksady okuw-türgenleşik sapaklarynyň geçirilmegi netijesinde özgerýän okuwçylaryň bedeniniň hil sypatlarynyň görkezijilerini ölçemekden we bahalandyrmakdan ybaratdyr.

Okuwçylary synag-ölçeg talaplaryna laýyklykda topardan-topara geçirmek sport mekdebiniň müdiri tarapyndan döredilýän synag topary tarapyndan amala aşyrylýar.

Synag toparyň düzümi:

1) sport mekdebiň müdiriniň sport işleri boýunça orunbasary (ýa-da onuň wezipesini ýerine ýetiriji) – synag toparynyň başlygyndan;
2) sport mekdebinde sportuň görnüşleri boýunça tälim berýän tälimçi-mugallymlar degişliligi boýunça synag toparynyň agzalygyndan;
3) sport mekdebiniň usulyýetçisi (ýa-da beýleki hünärmen) – synag toparynyň kätibinden ybarat bolup durýar.

Synag toparyň mejlisi, eger oňa agzalaryň ýarysyndan köpüsi gatnaşan ýagdaýynda, okuwçylary topardan-topara geçirmekligiň netijesi boýunça çözgüt kabul etmeklige ygtyýarly hasap edilýär.

Synag toparyň ähli çykarýan çözgütleri, toparyň mejlise gatnaşýan agzalarynyň açyk ses bermeginde, sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Toparyň kätibiniň ses bermek hukugy ýokdur. Sesler deň bolan ýagdaýynda, Toparyň başlygynyň sesi kesgitleýji bolýar.

15. Synag topar tarapyndan şu aşakdaky çözgütleriň biri kabul edilýär:

1) başlangyç taýýarlyk we okuw-türgenleşik toparlarynda synag-ölçeg talap kadalaryny 60-dan 100% çenli (60% 3-lik, 80% 4-lik we 100% 5-lik baha deň

bolýar) ýerine ýetiren ýagdaýynda topardan-topara, ýagny indiki okuw ýylyna geçirmek hakynda;

2) umumy we ýörite fiziki taýýarlygyň talap kadalaryny üstünlikli ýerine ýetiren we sportda ýokary netije görkezen okuwçyny sport mekdebiň tälimçi-mugallymlarynyň geňeşiniň çözgüdi we lukmanyň rugsady esasynda sport mekdebiniň müdiriniň buýrugy bilen wagtyndan öň uly topara (1 ýyl tapawut bilen) geçirmek hakynda;

3) synag-ölçeg talaplaryny tabşyryp bilmedik okuwçy indiki okuw ýylyna geçirmekden ýüz döndermek hakynda we ony okuw-türgenleşik toparynda galdyrmak hakynda (toparda 1 ýyldan artyk galdyrmak bolmaýar);

4) yzygiderli synag-ölçeg talaplarynyň kadalaryny ýerine ýetirmeýän okuwçylary mugallymçylyk işgärler geňeşiniň netijesi esasynda sport mekdebinden çykarmak ýa-da sport-sagaldyş toparyna geçirmek hakynda.

Toparyň çözgüdi Toparyň kätibi tarapyndan teswirnama bilen resmileşdirilýär. Teswirnama Synag toparyň başlygy, mejlise gatnaşan agzalary we kätibi tarapyndan gol çekilýär. Toparyň kabul eden çözgüdi sport mekdebinde döredilen mugallymçylyk işgärler geňeşine hödürlenilýär. Bu mugallymçylyk işgärler geňeşi makullandan soňra, Synag toparyň çözgüdi sport mekdebiniň müdiri tarapyndan tassyklanylýar.

Soňra okuwçylar bilen geçirilen synag-ölçeg talaplarynyň netijeleri tälimçi-mugallymlar geňeşinde ara alnyp maslahatlaşylýar.

16. Sport mekdebiniň lukmanynyň barlagyndan geçen (rugsady bolan) okuwçylar synag-ölçeg talaplaryny tabşyrmaga göýberilýär. Lukmançylyk barlagy synag-ölçeg talaplarynyň kabul ediljek güni geçirilmelidir. Dürli sebäplere görä lukmançylyk barlagyna gatnaşyp bilmeýän, okuw-türgenleşik ýygnanşygyna we ýaryşlara sapara ýollanylýan okuwçylara synag-ölçeg talaplaryny wagtyndan öň ýa-da soň tabşyrmaga rugsat berilýär;

Okuwçylardan synag-ölçeg talaplary kabul edilmezinden öň, olar bilen maşklaryň ýerine ýetirlişi we bahalandyrlyşy barada düşündiriş işlerini geçirmeklik hökmanydyr.

Tälimçi-mugallymlar degişlilikde topardan-topara geçirilen okuwçylary okuw ýylynyň başynda (sentýabr-oktýabr aýlarynda) Synag topary tarapyndan kabul edilen synag-ölçeg talaplaryny olaryň ýerine ýetiriş ukybyny barlaýar.

## IV bap. Sport mekdebini tamamlaýan okuwçylar bilen jemleýji synagyň görnüşi we ony geçirmek

17. Goşmaça biliminiň bilim maksatnamalary boýunça sport mekdebinde jemleýji synagy şu Tertibiň III babyna laýyklykda okuwçylary topardan-topara geçirmek üçin sportuň görnüşleri boýunça bellenen synag-ölçeg talaplarynyň kadalaryny ýerine ýetirmek görnüşinde geçirilýär.

18. Sport mekdebinde okuwçylar bilen jemleýji synagyny geçirmek sport mekdebiniň müdiriniň buýrugy bilen döredilýän jemleýji synag topary döredilýär. Jemleýji synag toparyň düzümi:

1) sport mekdebiň müdiri – synag toparynyň başlygyndan;

2) sport mekdebinde sportuň görnüşleri boýunça tälim berýän tälimçi-mugallymlar degişliligi boýunça synag toparynyň agzalygyndan;

3) sport mekdebiniň usulyýetçisi (ýa-da beýleki hünärmen) – synag toparynyň kätibinden ybarat bolup durýar.

19. Sport mekdebiniň sport işleri boýunça jogapkär wezipeli adamy tarapyndan Jemleýji synag toparyna şu aşakdaky resminamalar hödürlenilýär:

1) tälimçi-mugallymlaryň okuwçy babatynda beren häsiýetnamasy;

2) instruktor-usulyýetçileriň syny.

20. Jemleýji synag toparyň mejlisi, eger oňa agzalaryň ýarysyndan köpüsi gatnaşan ýagdaýynda, jemleýji synagy geçirmeklige we jemleýji synagyň netijesi boýunça çözgüt kabul etmeklige ygtyýarly hasap edilýär.

Jemleýji synag toparyň ähli çykarýan çözgütleri, toparyň mejlise gatnaşýan agzalarynyň açyk ses bermeginde, sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Jemleýji synag toparyň kätibiniň ses bermek hukugy ýokdur. Sesler deň bolan ýagdaýynda, bu Toparyň başlygynyň sesi kesgitleýji bolýar.

21. Jemleýji synag topary tarapyndan okuwça “Jemleýji synagdan geçdi” ýa-da “Jemleýji synagdan geçmedi” diýen netije kabul edilýär. Toparyň kabul eden netijeleri Toparyň kätibi tarapyndan teswirnama bilen resmileşdirilýär. Teswirnama Jemleýji synag toparyň başlygy, mejlise gatnaşan agzalary we kätibi tarapyndan gol çekilýär. Jemleýji synag toparyň netijesi sport mekdebiniň müdiri tarapyndan tassyklanylýar.

22. Sport mekdeplerinde hereket edýän sportuň görnüşleri boýunça okuw-türgenleşik toparlarynda tälim alyp, topardan-topara geçirmek boýunça kabul edilýän synag-ölçeg talaplaryny üstünlikli tabşyryp sport mekdebini tamamlan okuwçylara sport mekdebi tarapyndan Bedenterbiýe we sport babatda okuwçylaryň goşmaça biliminiň bilim maksatnamalaryny üstünlikli tamamlandygy hakynda şahadatnama berilýär.

23. Synag-ölçeg talaplaryny üstünlikli tabşyryp bilmedik Jemleýji synag topar tarapyndan okuwçy “Jemleýji synagdan geçmedi” diýen netije kabul edilýär:

Jemleýji synag topary tarapyndan bu netije çykarlan gününden başlap, sport mekdebi 2 (iki) iş gününiň dowamynda okuwçynyň ata-enesine (ornuny tutýan adama) habar berýär.

## V bap. Jemleýji düzgünler

24. Okuwçylaryň goşmaça biliminiň bilim maksatnamalary sport mekdeplerinde, şeýle hem degişli orta hünär we ýokary hünär bilimi edaralarynyň sport binýatlarynda durmuşa geçirilýär.

25. Şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Bedenterbiýe we sport babatda okuwçylaryň goşmaça biliminiň bilim maksatnamalary boýunça okuwa kabul etmegiň hem-de okaýanlaryň jemleýji synagyny geçirmegiň görnüşi we tertibine 1-nji goşundy

______ welaýatynyň _________ şäherininiň
Sport mekdebiniň müdirine

A R Z A

Men,____________welaýatynyň_____________________________________etrabynyň
(hemişelik ýaşaýan ýeriniň salgysy)
______________şäheriniň_________________________________________________
________________________________________________________________________
ýaşaýjysy ___________________________________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady)
___________ýylda doglan öz oglum (gyzym)____________________________________
(gyzynyň, oglunyň familiýasy, ady, atasynyň ady)
________________________________________________________________________
(gyzynyň, oglunyň familiýasy, ady, atasynyň ady)
__________________________Sport mekdebine sportuň ___________ görnüşi boýunça
(hünäriň ady)

okuwa kabul etmegiňizi Sizden haýyş edýärin.

Oglum (gyzym) barada şulary mälim edýärin:

Ol __________-nj___ ýylyň_______________aýynyň “____”______________________
_________________________________________________________________doguldy
(doglan ýeri ýazylýar)
we häzir ol______________________________________________________________
(ýaşaýan salgysy ýazylýar)
_________________________________________________________________ýaşaýar.
(ýaşaýan salgysy ýazylýar)
Oglum (gyzym)_______-_______-nj__ ýyllarda_________________________________
(okaýan orta mekdebi we synpy ýazylýar)
__________________________________________________________________okady.
(okaýan orta mekdebi we synpy ýazylýar)

Oglum (gyzym) Sport mekdebine okuwa kabul edilenden soňra onuň okuw-türgenleşik sapaklaryna gatnaşygyny we ýetişigini, şeýle-de geçirilýän sport we medeni-köpçülikleýin çärelerine gatnaşygyny gözegçilikde saklajakdygyma ynandyrýaryn.

Goly_________________ Arzanyň berlen senesi_________________

Bedenterbiýe we sport babatda okuwçylaryň
goşmaça biliminiň bilim maksatnamalary
boýunça okuwa kabul etmegiň hem-de
okaýanlaryň jemleýji synagyny geçirmegiň
görnüşi we tertibine 2-nji goşundy

Sport mekdebine _________ýylda
(____________ -nj____ okuw ýylynda)
okuwa girmek üçin resminamalaryny tabşyran
okuwçylar barada maglumat ýöredilýän Kitap

| T/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Doglan senesi we ýeri | Okaýan mekdebi, synpy | Hemişelik ýaşaýan ýeriniň salgysy | Ata-enesi: | | Resminama-laryny tabşyran senesi | Saýlap alan ugry | Bellik: |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | Kakasy: familiýasy, ady, işleýän ýeri, wezipesi | Ejesi: familiýasy, ady, işleýän ýeri, wezipesi | | | |
| 1. | | | | | | | | | |
| 2. | | | | | | | | | |
| 3. | | | | | | | | | |
| 4. | | | | | | | | | |
| 5. | | | | | | | | | |
| 6. | | | | | | | | | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2022-nji ýylyň 20-nji maýynda 1600 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy.